Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— DÖWLET BILEN HALKYŇ JEBISLIGI EZIZ DIÝARYMYZYŇ ROWAÇLYGYDYR.

XXI ASYR — TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY!

# BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№109 (99669) * 2021-nji ýylyň 11-nji sentýabry, şenbe.



## BEHIŞDI BEDEWLER OKGUNLY ÖSÝÄN WATANYMYZYŇ NYŞANYDYR

Behişdi bedewler okgunly ösýän Garaşsyz Watanymyzyň özboluşly nyşanydyr. Munuň özi ahalteke bedewleriniň dünýä atçylyk sportundaky şöhratly ýoluny mynasyp dowam etmek hem-de olaryň başarnyklaryny doly açmak üçin täze mümkinçilikleri döredýär. Şunda milli Liderimiziň ägirt uly hyzmatlary bardyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, ata-babalarymyz tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagy başarypdyrlar, ondan güýç-kuwwat hem ruhubelentlik alypdyrlar. Olar halkymyzyň gündelik durmuşynda we baýramçylyklarynda, däp-dessurlarynda, halk döredijiliginde, ajaýyp sungat eserlerinde öz beýanyny tapýar.

Häzirki günlerde hem at çapyşyklary, at üstündäki milli oýunlar halkymyzyň durmuşynda möhüm orun eýeleýär. Şanly seneler mynasybetli guralýan baýramçylyk dabaralarynda at çapyşyklaryna aýratyn ähmiýet berilýär. Atçylyk sportunyň dürli görnüşleri giňden bellenilýän toý-baýramlaryň esasy bezegine öwrülýär.

Ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýýan we şöhratly türkmen seýisleriniň, atşynaslarynyň yhlasyndan kemal tapan behişdi bedewleriň dünýä ýüzündäki abraýynyň belende galmagy, atçylyk sportunyň dürli görnüşleriniň ösdürilmegi ugrunda yzygiderli alada edýän döwlet Baştutanymyz bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmalydygyny belleýär.

Milli Liderimiziň ähli özgertmeleriniň, Türkmenistanda amala aşyrylýan giň gerimli maksatnamalaryň özenini halkymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden dünýä nusgalyk milli gymmatlyklaryny geljek nesillere ýetirmek hakyndaky alada düzýär. Atçylyk sporty bilen meşgullanmak jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, ýakynda döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna gelip, asylly däbe görä, behişdi bedewleri bilen didarlaşyp, Akýol atly bedewde birsellem gezim etdi.

Taryhyň dowamynda dünýä medeniýetiniň ösmegine ägirt uly goşant goşan türkmen halkynyň nusgalyk ýörelgelerini, özboluşly medeni mirasyny aýawly saklamak, ony artdyrmak hem-de giňden wagyz etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şöhratly pederlerimiziň döreden milli gymmatlyklaryny geljek nesillere ýetirmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň birine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýakynda bellenilen Bilimler we talyp ýaşlar gününde ýurdumyzyň taryhy, ýaş nesliň mukaddes borçlary hem-de wezipeleri barada geçen umumy sapagynyň dowamynda halkymyzyň döreden milli gymmatlyklary we olaryň ähmiýeti barada aýratyn durup geçdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz şol taryhy çykyşynda «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» ýaly kitaplarynda halkymyzyň dünýä medeniýetine goşan goşandy, nusgawy gymmatlyklaryndan söz açandygy barada belledi. Munuň özi Arkadag Prezidentimiziň paýhasly pederlerimiziň taryhyň dowamynda döreden milli gymmatlyklaryna aýratyn gadyr goýýandygynyň aýdyň beýanydyr. Milli Liderimiziň güýz paslynyň ilkinji, jana tenekar, hoştap howaly günlerinde Akýol atly ajaýyp bedew bilen gezim etmegi, bedewiň özboluşly syn-sypaty häzirki döwrüň okgunly ösüşleriniň beýanyny emele getirdi.

Soňky ýyllarda paýtagtymyzda we ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda häzirki zaman atçylyk sport toplumlary, aýlawlar gurlup, ulanmaga berildi. Olarda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli atşynaslyk ýörelgeleri döwrebap derejede ösdürilýär. Şeýlelikde, atçylyk sporty, at çapyşyklary bilen meşgullanýan ýaşlaryň sany yzygiderli artýar.

Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyz ýurdumyzda milli atşynaslyk sungatyny we sportuny yzygiderli ösdürmek üçin zerur şertler döredilýär. Türkmen atşynaslary bedewlerimiziň tohum arassalygyny gorap saklamak hem-de olaryň baş sanyny artdyrmak boýunça ägirt uly işleri bitirýärler. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, geljekde hem ýurdumyzda atçylygy ösdürmäge, bu ugurda dünýä döwletleri bilen tejribe alyşmaga, halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, şol bir wagtyň özünde atşynaslaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga döwlet tarapyndan möhüm ähmiýet berler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň meşhur «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ajaýyp çykyşlary ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly senelere özboluşly bezeg berýär. Häzirki döwürde bu topar diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, onuň çäklerinden daşarda hem giňden tanalýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen döredilen «Galkynyş» ençeme gezek iri halkara gözden geçirişleriň hem-de sirk sungaty festiwallarynyň abraýly baýraklarynyň eýesi boldy.

Milli Liderimiziň tagallalary netijesinde bedewlerimiz hem-de türkmen atly jigitleri daşary ýurtlarda geçirilýän iri gözden geçirişleriň, abraýly atçylyk sport ýaryşlarynyň ýeňijileri boldular. Biziň atly jigitlerimiz Italiýada, Russiýada, Ukrainada, Belarusda, Türkiýede, Hytaýda we beýleki ýurtlarda üstünlikli çykyş etdiler.

Ýeri gelende aýtsak, «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän ýylyň her bir güni taryhy ähmiýetli şanly wakalara, ýatdan çykmajak pursatlara baý boldy. Şu günler ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyny mynasyp derejede garşylamak maksady bilen, giň gerimli taýýarlyk işleri ýaýbaňlandyryldy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk baýramynyň bellenilýän günlerinde baýramçylyk at çapyşyklaryna we atçylyk sportunyň beýleki görnüşlerine aýratyn orun berler. Munuň özi ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly seneleriň halkymyzyň taryhyň dowamynda döreden milli gymmatlyklary bolan at çapyşyklary, atçylyk sporty bilen utgaşýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüler.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadamlary bedew badyna deňelýär. Munuň özi güneşli Diýarymyzda asylly işleriň we milli ýörelgeleriň ahalteke bedewleriniň özboluşly aýratynlyklary bilen utgaşdyrylýandygyny alamatlandyrýar. Bu bolsa ösüşiň belentliklerini nazarlaýan ýurdumyzyň durmuşynyň her bir pursadynyň ähmiýetli wakalara beslenýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Arkadag Prezidentimiziň ajaýyp Akýol atly bedewe atlanmagy Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň we mähriban halkymyzyň abadançylygynyň, bagtyýar durmuşynyň dowamata atarylýandygyny aňladýar. Bu görnüşler tutuş türkmen iliniň ruhuny göterip, halkymyzy täze ýeňişlere, ajaýyp zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar.

*«Balkan».*

## RESMI HABARLAR

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmona we ähli täjik halkyna Täjigistan Respublikasynyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny hem-de arzuwlaryny iberdi.

Milli Liderimiz häzirki döwürde Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň täze many-mazmuna eýe bolýandygyny, ýaňy-ýakynda Prezident Emomali Rahmonyň Türkmenistana amala aşyran döwlet saparynyň iki halkyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary berkitmegiň we dürli ugurlardaky hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň ýolunda möhüm ädime öwrülendigini aýratyn nygtady.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Koreýa Halk Demokratik Respublikasynyň Döwlet işleri boýunça Başlygy Kim Çen Yna milli baýram — ýurduň döredilen güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz şu ýakymly mümkinçilikden peýdalanyp, KHDR-iň Döwlet işleri boýunça Başlygyna berk jan saglyk, bagtyýarlyk, ýurduň dostlukly halkyna bolsa parahatçylyk, abadançylyk hem-de rowaçlyk arzuw etdi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň hem-de zehinli çagalaryň arasynda yglan eden «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň çäklerinde Türkmenistanyň Garaşsyzlyk gününiň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşigine ýurdumyzyň welaýatlaryndan, Aşgabat şäherinden ýaş aýdymçylar gatnaşyp, öz aralarynda bäsleşdiler. Şunlukda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen ýylynda türkmen halkynyň milli medeniýetiniň we sungatynyň ösmegine goşant goşjak, geljekde sungat äleminiň ýyldyzlary bolup ýetişjek zehinli aýdymçylar ýüze çykaryldy.

«Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginde ýokary ussatlyk görkezip, aýratyn tapawutlanan aýdymçylary sylaglamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, ýurdumyzyň şu raýatlary «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň ýeňijileri diýlip yglan edildi we her bir ýeňiji Türkmenistanyň Prezidentiniň altyn zynjyry bilen sylaglanyldy:

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby Meýlis Kerimowiç Hallyýew;

Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň Kiçiaga geňeşliginiň oba medeniýet öýüniň çeper höwesjeňi Mähri Çaryýewna Çaryýewa;

Balkan welaýatynyň Esenguly etrap medeniýet bölüminiň Garadegiş oba medeniýet öýüniň akkomponiatory Dörtguly Baýramgeldiýewiç Kerimow;

Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynyň Agzybirlik geňeşliginiň oba medeniýet öýüniň çeper höwesjeňi Kuwwat Jepbar ogly Weýisow;

Lebap welaýatynyň Saýat etrap medeniýet merkeziniň artisti Alym Röwşenowiç Taýyrow;

Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Akmyrat Hümmedow adyndaky geňeşliginiň Hojaýap oba medeniýet öýüniň tans goýujysy Bägül Orazsähedowna Ataýewa.

*(TDH-niň habarlary esasynda taýýarlanyldy).*

## SAHAWATLY TOPRAGYŇ BEREKEDI

Arkadag Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmekde, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini, maddy hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmakda hem-de dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmakda uly işler durmuşa geçirilýär. Milli ykdysadyýetimiziň oba hojalyk toplumyny, aýratyn hem onuň köpugurly gaýtadan işleýän pudagyny, eýeçiligiň dürli görnüşlerini, şol sanda hususyýetçiligi ösdürmäge düýpli maýa goýumlary goýulýar. Şeýle beýik işleriň ählisi hem Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesinden gözbaş alýar. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, berkarar Watanymyzy ählitaraplaýyn gülläp ösýän ýurda öwürmekde gazanylýan guwandyryjy üstünliklere döwletli Diýarymyzyň telekeçileri hem özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Balkanabat şäheriniň çäginde, Uly Balkan dagynyň degresindäki Düzmergen ýaýlasynda 2-nji bagçylyk hojalygynda miweli baglaryň birnäçe görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň häzirki günlerinde bolsa bu miweli baglardan bereketli hasyl ýygnalyp, içerki bazarlaryň sarp edijilerine yzygiderli ugradylýar. Miweli baglar Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň hem-de Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň agzasy Halmämmet Amanmämmedowa degişli. Ilatyň öz topragymyzda ýetişdirilýän dürli gök önümler, ir-iýmişler bilen ýylyň tutuş dowamynda ygtybarly üpjün edilmegi, şunda hususy pudagyň ägirt uly mümkinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagy babatda Gahryman Arkadygymyzyň edýän aladalaryna mynasyp jogap bermek işjanly telekeçiniň baş maksady bolup durýar. Umumy tutýan meýdany 5 gektara barabar bolan ýerde 5000 sany miweli bag bolup, garalynyň 750, üljäniň 250, almanyň 750, pissäniň 250, şetdalynyň 750, alçanyň 500, hurmanyň 250, armydyň 500, erigiň 750 düýbi ösdürilip ýetişdirilýär.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň hem-de Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň agzasy Taňyrberdi Jepbarow hem miweli bag nahallaryny ösdürip ýetişdirmekde yhlasly zähmet çekýär. Ol Etrek etrabynyň Gyzylbaýyr geňeşliginde, Sumbar derýasynyň boýunda 7 gektar meýdanda zeýtun, armyt, erik, alma, şetdaly, nar, üzüm, garaly ýaly miweli baglara ideg edýär.

«Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary bilen dabaralanýan üstümizdäki ýylda halkymyzyň toý saçaklarynyň rysgal-bereketli bolmagyna mynasyp goşant goşmagy başarýan ussat telekeçilerimiz Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna özleriniň zähmet sowgatlary bilen barmagy maksat edinýärler hem-de telekeçiler barada edýän aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza alkyş aýdýarlar.

***Toýmämmet HAJYÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň welaýat komitetiniň başlygy.***

## ÖNÜM BOLÇULYGY DÖREDILÝÄR

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dürli görnüşli harytlaryň önümçiliginiň ýola goýulmagy üçin täze önümçilik desgalary gurlup, öňki desgalaryň durky yzygiderli täzelenýär. Olaryň hatarynda tohumlyk pagtany gaýtadan işlemäge ýöriteleşdirilen pagta arassalaýjy, pagta egriji kärhanalary, eti gaýtadan işleýän we et önümlerini öndürýän, süýdi gaýtadan işleýän, gök önümleri, miweleri gaýtadan işleýän kärhanalary, towuk etini öndürýän hojalyklary we beýlekileri mysal getirmek bolar. Oba hojalyk önümleriniň ýerinde gaýtadan işlenilmeginiň ýola goýulmagy çykdajylary azaltmak bilen, sebitiň ykdysady ösüşini ýokary derejelere göterýär. Munuň özi obasenagat pudagyna döwlet derejesinde berilýän aýratyn ünsüň netijesidir.

Belent Serkerdebaşymyzyň pähim-paýhasly ýolbaşçylygynda milli hem döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, ata Watanymyzyň oba hojalygynyň düýpli özgerdilmegini gazanmak boýunça durmuşa geçirilýän özgertmeler, alnyp barylýan önjeýli işler hemmeleri guwandyrýar. Olar azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge, senagatyň çig mala bolan islegini kanagatlandyrmaga, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemäge, kiçi we orta telekeçiligiň ösdürilmegine gönükdirilýär. Şonuň ýaly-da, azyk we beýleki önümleriň bolçulygynyň üpjün edilmegine şert döredýär. Umuman, ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlary boýunça toplumlaýyn ösýän we özgerýän döwründe obasenagat toplumynda gazanylýan üstünlikler adam hakyndaky aladanyň aýdyň subutnamasydyr.

Goý, ýurdumyzda önüm bolçulygyny döretmek, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak ugrunda taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň il-ýurt ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Laçyn AKGAÝEWA,***
***Balkanabat şäheriniň prokurorynyň uly kömekçisi, 1-nji derejeli ýurist.***

Şu gün — Gurluşyk, energetika we jemagat hojalygy işgärleriniň güni

# BATLY GADAM, BELENT ÖSÜŞLER BILEN

Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, gurluşyk,







energetika we jemagat hojalygy toplumyny dünýä derejesinde ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Bu pudaklaryň döwrebaplaşdyrylmagy hem-de olarda öňdebaryjy tehnologiýalaryň, enjamlaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy durmuş-ykdysady ösüşiň derwaýys ugurlarynyň biri bolup durýar.

Ata Watanymyzyň ähli künjeklerinde täze önümçilik kärhanalarydyr desgalaryň, medeni-durmuş maksatly ymaratlaryň gurlup, ulanylmaga berilmegi Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer syýasatynyň barha rowaçlyklara beslenýändiginiň güwäsidir. Welaýatymyzyň çäginde «Altyn Asyr» Türkmen kölüniň, «Balkan» sement zawodynyň, Demirgazyk — Günorta transkontinental ulag geçelgesiniň, Gündogar — Günbatar magistral gaz geçirijisiniň, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň, «Garabogazkarbamid» zawodynyň, Gyýanlydaky polimer zawodynyň gurulmagy we beýleki döwletli taslamalaryň amala aşyrylmagy has-da buýsançlydyr. Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 14-nji iýulynda welaýatymyza amala aşyran iş saparynda Balkanabat şäheriniň Jebel şäherçesinde täze Halkara howa menziliniň düýbüni tutmagy, welaýat merkezinde gurlan «Türkmeniň ak öýi» binasyny açyp bermegi sebitde gurluşyk babatda ýokary üstünlikleriň gazanylýandygyndan habar berýär.

Arkadag Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde welaýatymyzda energetika pudagynyň ösmegine hem aýratyn üns berilýär, täze kuwwatlyklar işe girizilýär. Balkanabat döwlet elektrik bekedinde her biriniň kuwwatlylygy 127,1 Mwt/sagat bolan iki sany gazturbinaly energobloguň işe girizilmegi bilen, elektrik energiýasynyň öndürilişi ýokarlandy. Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň dürli maksatly döwrebap desgalaryny, myhmanhanalaryny elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün edýän «Awaza» döwlet elektrik bekedi halkara ülňülerine doly laýyk gelýändigi bilen tapawutlanýar. Bu döwrebap desgada öndürilýän elektrik energiýasynyň zerurlyklardan artygy ýurdumyzyň bütewi elektrik ulgamyna birikdirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň geçen ýylyň sentýabr aýynda Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň täze energiýa desgalarynyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşmagy bu möhüm pudaga berilýän ünsüň subutnamasy boldy. Zawodlar toplumynda taslama kuwwaty 70 Mwt/sagat bolan iki sany täze gazturbinaly elektrik stansiýasynyň gurluşygyny Türkiýäniň «Çalyk Enerji» kompaniýasy amala aşyrýar. Şonuň bilen birlikde, bu toplumyň çäginde öň hereket edýän elektrik desgasy dolulygyna döwrebaplaşdyrylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri energetika pudagynyň giň gerim bilen ösdürilýän hem-de onuň halkara ulgamyna sazlaşykly goşulmagyna gönükdirilen işleriň yzygiderli we ynamly amala aşyrylýan döwrüdir. Ahal — Balkan hem-de Balkan — Daşoguz ýokary woltly elektrik geçiriji ulgamlaryň gurluşygy hem şeýle belent tutumlardan aýdyň nyşandyr. Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 18-nji iýunynda Serdar etrabynda kuwwatlylygy 10 megawat bolan köpugurly elektrik stansiýasyny gurmak hakyndaky taryhy Karary «Altyn asyr» Türkmen kölünde gurulýan döwrebap obany, desgalary Gün we ýel elektrik stansiýasynyň hasabyna energiýa bilen üpjün etmäge giň mümkinçilikleri döreder.

Welaýatymyzyň çäginde hereket edýän elektrik energiýasyny öndürýän kärhanalarynyň zähmet toparlary mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna zähmet sowgatly barýarlar. «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň geçen sekiz aýynda 3 milliard 123 million kilowatt-sagat elektrik energiýasyny öndürmegi başaran welaýatymyzyň energetikleri geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 116 göterime golaý ösüş gazanmagy başardylar.

Welaýatymyzyň jemagat hojalygynyň tehniki-önümçilik binýady hem barha kämilleşýär. Şu günler welaýat jemagat hojalygy önümçilik birleşiginiň düzümlerinde ýurt Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna sowgatly barmak maksady bilen etrap-şäherleriň seýilgählerini, köçelerini, ýanýodalaryny, ýaşaýyş jaýlaryny abadanlaşdyrmak işleri gowşamaýan depginde alnyp barylýar. Edara-kärhanalary, ýaşaýyş jaýlaryny ýyladyş möwsümine taýýarlamak işleri hem utgaşykly berjaý edilýär. Iň esasy zat bolsa, üstünlikli amala aşyrylýan bu işleriň her biri belent ösüşleri üpjün edýär.

Öz hünär baýramlaryna mynasyp sowgatly gelen welaýatymyzyň gurluşyk, energetika we jemagat hojalygy işgärleri öndürijilikli zähmet çekmäge döredilýän şert-mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza tükeniksiz alkyş sözlerini aýdýarlar.

***Muhammetgylyç TAGANGYLYJOW,***
***«Balkan».***

«Garaşsyzlyk — halkymyzyň bagt daňynyň atany,
Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly bäsleşige

## Bitarap Watan

*Bitarap, berkarar ýurdum — abadan,*
*Ilimiz — bagtyýar, ýürekler — joşly.*
*Türkmenistan, eziz mekan — owadan,*
*Awazam — görkana, nowjuwan ýaşly.*
*Ruhumyz belentde, Bitarap Watan!*
*Aýdyň ak günleriň baýramsyz ötmez.*
*Paýtagtym Aşgabat, ak bagta ýeten,*
*Waspyny diýmäge sözlerim ýetmez.*
*Ak öýlerde mesgen tutan aslymyz,*
*«Türkmeniň ak öýi» ajap binadyr.*
*Arkadaga wepalydyr neslimiz,*
*Nurludyr dideler, dilde senadyr.*

## Garaşsyzlyk — ganatymyz

*Garaşsyzlyk — halkymyzyň bagt daňynyň atany,*
*Ajap ülkämiň gujagy misli behişt parçasy.*
*Rowaçlanyp tutumlarymyz, beýgeldýäris Watany,*
*Arkadagly toýa barýar türkmenimiň barçasy.*
*Şanly toýa geliň, dostlar, golda desse gül bilen,*
*Sarpalarys gujak açyp, desserhanly-çörekli.*
*Yklymlara çawy ýaýran, Beýik Ýüpek ýol bilen,*
*Zöhre gelsin, Tahyr gelsin, Görogly — şir ýürekli.*
*Läle kakyp gyz-gelinler küştdepdini depýärler,*
*Ylahydan sungatymyz, waspnamasy Watandyr.*
*Kalbymyz şatlykdan doly, ýürekler dep kakýarlar,*
*Görüň, bu gün mertebämiz Arş deňine ýetendir.*
*Arkadagly Diýaryma toýa gelsin oguzlar,*
*Nur çaýylan ata Watan toý lybasyn geýendir.*
*Atalaryň arzuwyny amal edýär ogullar,*
*Telwaslanyp türkmen ähli bu topragy söýendir.*
*Ylahy yşka ezilen, gül meňizi nurana,*
*Mährem zenanlaryň eli undur-ýaga bulaşsyn.*
*Yklymlara şugla saçýan Aşgabadym görkana,*
*Zamanamyz — bagtyýarlyk, toýlar toýa ulaşsyn!*

***Çerkez ESENOW,***
***Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.***

## Synmajak sütün

*Garaşsyzlyk — özbaşyna öý diýmek,*
*Howlusy gül-pürçük, içi reňbe-reň.*
*Garaşsyzlyk — her bir güni toý diýmek,*
*Şatlyk-şowhun bilen dünýä reň beren!*

*Garaşsyzlyk — oňa ýetilmek üçin,*
*Günleri monjuk deý sapmak diýmekdir.*
*Garaşsyzlyk — söküp döwürleň için,*
*Dünýäde öz ýoluň tapmak diýmekdir.*

*Garaşsyzlyk — ýurt diýmekdir erkana,*
*Eýsem, şundan zyýat bagt barmy ýa?*
*Garaşsyzlyk — Tug diýmekdir görkana,*
*Dünýäniň öňünde belent parlaýan.*

*Garaşsyzlyk — Hakdan halka gelen şan,*
*Nesilleň joş urýan gursagy diýmek.*
*Garaşsyzlyk — tylla güýzüň zerewşan,*
*Reňke baý, ajaýyp pursady diýmek.*

*Çar tarapyň söze sygmaz çag alan,*
*Bagtdan ýaňa dyňzap durka hyýalyň.*
*Garaşsyzlyk — gülküsidir çagalaň,*
*Garaşsyzlyk — doglan güni Diýaryň!*

## Bagt goşgusy

*Senden uçan durnalaryň küýseg dolar owasyna,*
*Diň salanyň kalby giňär sende guşlaň owazyna,*



*Ýylyň ähli möwsüminde maýyl bolmuş howasyna,*
*Bu gün külli türkmen bolup, bagt güzerin boýlanym,*
*Türkmenistan — ata ýurdum, baky bagty toýlanym!*

*Seni bagtyň özi kyldym, ganat baglap uçanymda,*
*Maksatlarym myrat tapdy, boýa galdym gujagyňda,*
*Atalaryň sesi bardyr dutar, tüýdük, gyjagyňda,*
*Bu gün külli türkmen bolup, bagt güzerin boýlanym,*
*Türkmenistan — ata ýurdum, baky bagty toýlanym!*

*Boýny gülzar, läle-reýhan, üýtgeşikdir pasyllary,*
*Goýny taryh ýazmyş Diýar baglap otyr asyrlary,*
*Waspyň edýär ogul-gyzlaň misli bagtdan asyllary,*
*Bu gün külli türkmen bolup, bagt güzerin boýlanym,*
*Türkmenistan — ata ýurdum, baky bagty toýlanym!*

## Umyt

*Kükräp gelen ýazlaň hoştap howasyn,*
*Sorsam giňär kalbym — sygmadyk dünýä.*
*Diň salsam baglarda guşlaň owazyn,*
*Dutaryň nagmasy eşdilýär göýä.*

*Güýzleň goňras geler,*
*duýaryn men hem*
*Ýapraklaň sesini her amatynda.*
*Kämahal gözlesem kalbyma melhem,*
*Taparyn topragyň keramatynda.*

*Seň goýnuňda goşa gelýär toýlaram,*
*Seni söýen munda bagta uçraýar.*
*Belent badyň bedew atdyr, toýnagam*
*Geçen ýerne ýyldyz bolup syçraýar.*

*Sen özgerýäň,*
*Onsoň menem gadamym,*
*Deň alyp, kemmedim ädimleriňden.*
*Gijeleň tutdursa ele galamym,*
*Gündiz ylham aldym adamlaryňdan.*

*Ykbalyň aýna deý tekiz, onsoňam,*
*Ýollaryň umytdyr, irmen selpesem.*
*Bilseň, maňa ylham berer soň-soňam,*
*Awgustyň baglara dakan şelpesem.*

***Saparnepes ATABAÝEW,***
***Balkanabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 2-nji orta mekdebiň mugallymy.***

# ÇAGA EDEBI BILEN GÖZELDIR

«Bal süýji, baldan-da bala süýji», «Çaga eziz, edebi ondan hem eziz» diýýän halkymyz ösüp gelýän ýaş nesillerimize arassa ahlakly, dogruçyl, il-ýurda wepaly, myhmanparaz, zähmetsöýer, ilhalar bolup ýetişmegi ündäpdir. Paýhasly ata-babalarymyz çagalaryň edebine uly üns berip, olary sagdynlyk, päk ahlaklylyk ýörelgesine daýanyp terbiýeläpdirler we şol ýörelgäniň inçe syrlaryny gitdigiçe millileşdirip hem-de kämil derejä ýetirip, bize miras goýmagy başarypdyrlar.

Halkymyzyň sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegi her bir maşgala ojagynda abadançylygyň we agzybirligiň höküm sürmegine, adamlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagyna ýardam edip, ýaramaz endiklere garşy göreş ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän urp-adatlaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Milli Liderimiziň nesil terbiýesini mydama üns merkezinde saklamalydygy babatda beren tabşyryklaryndan ugur alyp, welaýatymyzda raýatlaryň, esasan hem, ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň arasynda giň gerimli düşündiriş, wagyz-nesihat çäreleri yzygiderli ýaýbaňlandyrylýar. Beýleki hukuk goraýjy edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň, şeýle-de ýaşlaryň gatnaşmaklarynda guraýan her bir wagyz-nesihat çärämiziň netijeliligini gazanmak, täsirliligini güýçlendirmek biziň esasy wezipämiz bolup durýar. Şol çärelerde edilýän çykyşlarda ýaramaz endikleriň ynsanyň saglygyna, onuň ykbalyna, nesil dowamatyna edýän ýaramaz täsirleri barada gürrüň berilýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Belent Serkerdebaşymyzyň taýsyz tagallasy bilen her bir raýatyň oňat ýaşamagy, zähmet çekmegi, okamagy, döretmegi, dynç almagy, jemgyýete peýdaly işler bilen meşgul bolmagy üçin ähli amatly şertleriň döredilendigi barada hem çärelerde söhbet edilýär.

Ýaşlara ylymly-bilimli, arassa ahlakly, ruhy we beden taýdan sagdyn, hakyky watançy, ynsanperwer, giň düşünjeli, halal adamlar bolup ýetişmegi arzuw edýäris.

***Sähragül AŞYROWA,***
***welaýat prokurorynyň hukuk üpjünçiligi boýunça uly kömekçisi, ýustisiýanyň geňeşçisi.***

# ÝOLLARYMYZ ASUDA BOLSUN!

Ýol hereketiniň asudalygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ilkinji nobatda, herekete gatnaşyjylaryň ýol hereketiniň kadalaryny dogry berjaý edişine bagly. Ýolda hereket etmegiň medeniýetiniň doly we dogry berjaý edilmezligi ýa-da geleňsizlige ýol berilmegi ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Awtoulagy bellenen tizlikden ýokary sürmek, ýoluň pyýadalar üçin göz öňünde tutulmadyk ýerlerinden kesip geçmek şeýle hadysalaryň döremegine getirip bilýän ýaramaz ýagdaýlardyr.

«Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» diýen at bilen geçirilýän biraýlygyň geçen ýyldaky netijeleri bilen tanşanyňda, ýurdumyzda ýol hereketiniň asudalygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde, ýol-ulag hadysalarynyň we olaryň netijesinde ýüze çykýan heläkçilikleriň öňüni almakda gowy netijeleriň gazanylandygy aýdyň görünýär. Biraýlygyň dowamynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ýollarda özüňi alyp barmagyň düzgünlerini wagyz etmäge, ýol hereketine gatnaşyjylaryň her biriniň özüniň howpsuzlygy üçin şahsy jogapkärçiligine düşünmegine gönükdirilen çäreler bu ýyl hem giň gerimde guralýar.

Halkyň saglygy hakynda gije-gündiz alada edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

***Baýrammämmet MÄTIÝEW,***
***welaýat Polisiýa müdirliginiň jemgyýetçilik howpsuzlygy bölüminiň müdiri, polisiýanyň podpolkownigi.***

* * *

Ajaýyp zamanamyzda Belent Serkerdebaşymyzyň taýsyz tagallasy bilen amala aşyrylýan işler halkymyzyň abadan ýaşaýşyna, asuda geljegine gönükdirilendir. Ynsanyň bagtyýarlygy, durmuşyň gözelligi bolsa ýol hereketiniň howpsuzlygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda her ýylyň sentýabr aýynda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly ählihalk çäresi-de halkymyzyň abadançylygy hakyndaky aladanyň subutnamasydyr.

Raýatlaryň asuda durmuşda ýaşamagyna, ömrüniň uzalmagyna ýardam berýän döwletli işiň oňyn netijeleri berýändigini geçen ýyllaryň tejribeleri hem aýdyň görkezýär. Ýol hereketiniň howpsuzlygyna uludan-kiçä her bir pyýada ýolagçy, her bir sürüji jogapkärdir. Köçe-ýol hereketine gatnaşyjylaryň ählisiniň ünsli, seresaply bolmagy örän wajypdyr. Bu ýollarymyzyň hadysasyz bolmagyny üpjün edýän esasy şertleriň biridir. Şol sebäpli biz her bir sürüjini we



herekete gatnaşyjyny hemişe ünsli we seresaply bolmaga çagyrýarys. Bellenilen düzgünleri berjaý etmek bilen, her bir raýat ýol hereketiniň howpsuzlygyna öz goşandyny goşmalydyr.

***Röwşen BAÝRAMTAGANOW,***
***Balkanabat şäheriniň polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýerli wekiller bölümçesiniň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça bölümçesiniň gözegçisi, polisiýanyň kapitany.***

* * *

Harby bölümlerde wagyz-nesihat çäreleri guralyp, «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň dowamynda meýilleşdirilen işler barada giňişleýin gürrüň edildi. Olarda nygtalyşy ýaly, häzirki döwürde ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek bütin dünýäde ileri tutulýan wajyp wezipeleriň biri hasaplanylýar. Çünki ýollarda awtoulag serişdeleriniň köpelmegi netijesinde olaryň hereketi ýygjamlaşýar. Munuň özi ýol hereketiniň howpsuzlygyna ünsüň güýçlendirilmegini talap edýär. Bu babatda Belent Serkerdebaşymyzyň başlangyjy esasynda ýurdumyzda netijeli işler amala aşyrylýar. Her ýylyň sentýabrynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Harby gullukçylaryň gatnaşmaklarynda «Awtoulagyň guratlygy howpsuzlygyň girewidir» diýen at bilen harby ulaglar ulanyşa çykmazdan ozal we ulanyşdan dolanyp gelende ýerine ýetirilmeli işler boýunça okuw sapaklary hem ýokary derejede guraldy.

***Hudaýnazar IBADULLAÝEW,***
***Harby awtomobil gözegçiliginiň ýol hereketine gözegçiler wzwodynyň gözegçisi-uly sürüji, borçnama boýunça harby gullugyň starşinasy.***

* * *

Ýollarda raýatlaryň rahatlygyny üpjün etmäge, saglygyny goramaga, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga gönükdirilen möhüm ähmiýetli çäreler döwrüň zerur talaplary bolup durýar. Ýollaryň ugrunda döwrebap duralgalaryň, ýerasty, ýerüsti geçelgeleriň, ýollaryň hereketini düzgünleşdiriji hem-de kadalaşdyryjy enjamlaryň we beýleki belgileriň bolmagy sürüjilere we pyýadalara hereket etmekde ähli şertleri döredýär. Şeýle mümkinçilikler bolsa ilatyň ömrüni we saglygyny goramakda, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almakda oňyn netijesini berýär.

Her bir herekete gatnaşyjynyň ýol hereketiniň düzgünlerini bilmegi, olary doly we dogry berjaý etmegi möhümdir. Sürüjiniňem, pyýadanyňam ýollarda jogapkärli we ünsli bolmagy ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almagyň esasy şertidir. «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň dowamynda köçe-ýol hereketinde özüňi alyp barmagyň düzgünlerini wagyz etmek boýunça möhüm ähmiýetli çäreler guralýar. Olarda pyýadalaryň we sürüjileriň jogapkärçiligi we ünslüligi elden bermezligi, hereket wagtynda el telefonyny ulanmaly däldigi, herekete gatnaşyjylaryň köçe-ýol hereketiniň düzgünlerini we kadalaryny doly berjaý etmelidigi barada düşündirilýär.

***Kuwat MERETGYLYJOW,***
***Hazar şäheriniň polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň kapitany.***

* * *

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýylyň-ýylyna geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hem ýokary guramaçylyk häsiýetine eýe bolýar. Ol Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgäniň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamalarynyň biridir.

Ajaýyp zamanamyzda Diýarymyz özgerýär, ösýär, halkymyz eşretli durmuşda ýaşaýar. Şonuň bilen bir hatarda, ulag serişdeleriniň hem sany barha artýar. Bu bolsa ýol hereketiniň düzgünlerini pugta berjaý etmek zerurlygyny ýüze çykarýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda gurlan we gurulýan giň, aýna ýaly tekiz ýollar ulag serişdeleriniň sazlaşykly hereketini üpjün etmek üçin ähli şertleri özünde jemleýär. Olarda ýol hereketini düzgünleşdiriji enjamlar oturdylýar, çatryklar ýörite yşyklar bilen kadalaşdyrylýar, köprüler, ýerasty geçelgeler, awtoduralgalar gurulýar. Bu ugurda amala aşyrylýan işler barada biraýlygyň geçirilýän döwründe guralýan gürrüňdeşliklerde, duşuşyklarda giňişleýin söhbet edilýär we ýol hereketine gatnaşyjylaryň bellenen talaplary berjaý etmelidikleri aýratyn nygtalýar. Gönüden-göni adamlaryň saglygyny gorap saklamaga gönükdirilen bu ählihalk çärä raýatlaryň işjeň gatnaşýandygyny guwanç bilen bellemek bolar.

***Guwanç AMANOW,***
***Esenguly etrabynyň polisiýa bölüminiň işgärler toparynyň gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.***

# BILIMLI NESIL — DÖWRÜMIZIŇ BUÝSANJY

Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasly, öňdengörüjilikli baştutanlygynda Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň gülläp ösüşiniň berk binýady bolan bilim ulgamynda giň möçberli işler amala aşyrylýar. Okuw maksatnamalarynyň has-da kämilleşdirilmegi, orta mekdepleriň döwrebap, iň kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilmegi ýurdumyzyň röwşen geljegi bolan ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, ökde hünärli, watansöýüji, giň dünýägaraýyşly adamlar bolup ýetişmekleri baradaky aladalardyr. Maglumat-bilim ulgamyny döretmäge we bilim bermegiň ähli usullaryny elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmäge, ylym, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, hilini ýokarlandyrmaga we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen sanly ulgamyň bilim ulgamyna ornaşdyrylmagy netijesinde geljegimiziň eýeleri bolan ýaş nesillerimiz dünýä derejesindäki şert-mümkinçiliklerden peýdalanýarlar. Bilimiň milli we dünýäniň öňdebaryjy tejribesiniň sazlaşykly alnyp barylmagy ulgamda öňde goýlan maksatnamalaryň üstünlikli ýerine ýetirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýlelikde, bagtyýarlyk döwründe döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallasy bilen ylym-bilimiň ähli ösüşleriň özenidigine düşünýän, ökde hünärli ýaşlarymyz kemala gelýär.

Sahawatyny egismeýän güýz pasly dowam edýär. Hemişe bolşy ýaly, güýz paslynyň ilkinji güni gapylaryny giňden açan bilim ojaklarynda kalbynda Watanyna, il-gününe, ene-atasyna perzentlik söýgüsi gaýnap-joşýan ruhubelent ýaş nesliň ylym-bilim öwrenmäge bolan höweslerini görmek bolýar. Şonuň üçin biz — mugallymlar bagtyýar döwrümiziň buýsanjy bolan ýaş nesillerimizi watançylyk ruhunda terbiýeläp, berkarar Diýarymyza mynasyp ogul-gyzlar edip ýetişdirmäge haklydyrys.

*Gyzylgül TAGANMÄMMEDOWA,*
*Türkmenbaşy etrabyndaky*
*1-nji orta mekdebiň başlangyç*
*synp mugallymy.*

# MAŞGALA MUKADDESLIGINIŇ SARPASY

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Esenguly etrap bölüminiň etrap merkezindäki çeper halyçylyk kärhanasynda zähmet çekýän halyçy gelin-gyzlaryň arasynda guran wagyz-nesihat duşuşygy maşgala mukaddesligine bagyşlandy. Onda çykyş edenler dünýäniň görki hasaplanýan gyz-gelinleriň maşgaladaky sarpasy, jemgyýetimizde eýeleýän orny, gözelligi, edep-ekramy, çeper elleriniň hünäri, olara döwlet derejesinde goýulýan hormat barada giňişleýin gürrüň etdiler. Arkadag Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Diýarymyzda ýetilýän belent sepgitler, gazanylýan üstünlikler barada durup geçdiler. Şeýle ösüş-özgerişlere gelin-gyzlaryň goşýan mynasyp goşandy, enelerimiziň edep-terbiýeli, päk ahlakly, watansöýüji nesilleri terbiýelemekdäki yhlasly zähmeti barada hem pikir alşyldy.

Wagyz-nesihat duşuşygyna gatnaşanlar milli mirasymyzyň, baý medeniýetimiziň, gadymy däp-dessurlarymyzyň dünýä ýaýylmagyna giň mümkinçilikleri açýan Gahryman Arkadagymyzyň adyna ýürekden çykýan alkyşly sözlerini aýtdylar.

*Arazgeldi GURBANÝAZOW,*
*«Balkan».*

# DÜZGÜNLER BERJAÝ EDILMELIDIR

Mekdeplerdir çagalar baglarynda ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmek üçin, olaryň her bir işgäriniň bu düzgünleri bilmegi, şeýle-de ýerine ýetirmegi hökmanydyr. Ýangyn hadysasy dörän halatynda olar okuwçylardyr çagalary halas edip, ýangyny söndürmek boýunça özlerine bagly ähli zerur çäreleri görmelidirler. Şonuň üçin hem şeýle hadysa dörän ýagdaýynda okuwçylardyr çagalary, emläkleri halas etmegiň, ýangyna garşy göreşmegiň meýilnamasy işlenip düzülmelidir.

Bilim-terbiýe edaralarynyň binadyr desgalarynyň ätiýaçlyk çykalga gapylary elmydama açyk ýagdaýda saklanmalydyr. Jaýlaryň, desgalaryň golaý ýerine ýangyn söndüriji awtoulaglaryň barmagy üçin niýetlenen ýollarda şol awtoulaglara päsgelçilik dörediji zatlar goýulmaly däldir. Jaýlaryň ýangyna garşy araçäklerinde, boşluklarynda ýanyjy goşlaryň saklanmagyna hem ýol bermek bolmaýar. Geçelgeleriň, basgançaklaryň aşagy hemişe boş saklanmalydyr, ol ýerlere ýanyjy goşlaryň basylmagy asla talaba laýyk däldir.

Okuw-tejribe geçilýän ussahanalarda, himiýa-fizika synaghanalarynda ýangyna garşy kadalar berk berjaý edilmelidir, ol ýerlerde okuw sapaklary geçirilenden soň, ýanyjy maddalar, jisimler howpsuz demir tekjelere ýygnalyp, beýleki hapa galyndylardan doly arassalanmalydyr. Agaç ussahanalarynda bir günlük işlär ýaly agaç ätiýaçlygyndan artyk saklanmagyna ýol berilmeli däldir.

Mekdeplerdir çagalar baglary zerur bolan ilkinji ýangyn söndüriji, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün edilmelidir. Daşarky ýangyna garşy merduwanlar elmydama abat ýagdaýda saklanmalydyr. Ýangyna garşy suw çeşmeleri elmydama saz, iş ýagdaýynda bolmalydyr.

Çagalar biziň geljegimizdir, şeýle ajaýyp zamanamyzda çagalaryň ömrüni, döwletimiziň emlägini ýangyn howpundan gorap saklamak biziň her birimiz üçin kanuny borçdur.

*Seýit ORAZOW,*
*welaýat Polisiýa müdirliginiň ýangyn*
*howpsuzlygy bölüminiň*
*1-nji bölümçesiniň müdiri,*
*içerki gullugyň maýory.*

### *Bagtyýar zamanamyzyň hormatly raýatlary!*

Ýurdumyzy dürli görnüşli, ekologiýa taýdan arassa, elýeter bahaly azyk önümleri bilen üpjün etmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi gurnamak we berkitmek ugrunda alnyp barylýan döwlet syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek, raýatlara bölünip berlen melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek üçin Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky **kiçi göwrümli karzlary** hödürleýär.

Karzyň möçberi — 30 000 (otuz müň) manada çenli.
Karzyň göterimi — ýyllyk 10 göterim.
Karzyň möhleti — 3 (üç) ýyla çenli.
Karzyň ýeňillikli döwri — 6 (alty) aýa çenli.
Karzyň üpjünçiligi — tölege ukyply üçünji tarapyň zamunlygy ýa-da girew emlägi.

**Habarlaşmak üçin biziň telefon belgilerimiz:**
Balkan şahamçasy: (800222) 6-48-71, 6-48-72.
Türkmenbaşy şahamçasy: (800243) 7-29-61, 7-26-63.
Esenguly şahamçasy: (800245) 3-08-72, 3-06-42.

# *MÄHRIBAN ADAMLAR, EZIZ ILDEŞLER!*

Häzirki wagtda howanyň düzüminde tozan bölejikleriniň möçberiniň kadadan artmagy bilen baglanyşykly, howa şertleriniň adam bedenine ýetirip biläýjek oňaýsyz täsiriniň öňüni almak we güýz paslynda döräp biläýjek möwsümleýin ýiti respirator ýokanç keselleriniň öňüni almak üçin, agyz-burun örtüklerini dakynmagy, howpsuz 2 metr araçägi saklamagy, şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmegi, köpçülikleýin ýerlere barmakdan saklanmak maksady bilen girizilen çäklendirmeleri berk berjaý etmegi, elleri arassa saklamagy, şeýle hem güýz paslynyň gelmegi bilen günüň dowamynda howanyň derejesiniň üýtgeýändigini nazara alyp, pasla görä geýinmegi maslahat berýäris.





**Mähriban adamlar!**

Bu düzgünleri berk berjaý etseňiz, ýylyň islendik paslynda öz saglygyňyzy gorap bilersiňiz.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

### Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň raýatlaryna erkin pul serişdelerini amatly şertlerde ýerleşdirmek üçin **«Garaşsyz Watanym»** atly täze möhletli goýumyny hödürleýär.

**«Garaşsyz Watanym»** atly möhletli goýumy ýyllyk 12% bilen 1 (bir) ýyl möhlete açylýar. Goýuma pul serişdeleriniň iň az möçberi 500 (bäş ýüz) manatdan başlap, 500 000 (bäş ýüz müň) manada çenli nagt we aýlyk zähmet haky geçirilýän «Altyn asyr» bank kartyňyzyň üsti bilen nagt däl görnüşinde kabul edilýär.



Hormatly raýatlar! Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky **«Garaşsyz Watanym»** atly täze goýumyň 2021-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan 31-nji oktýabryna çenli açylandygyny ýatladýar.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: 44-02-80, 44-03-04.
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynda ýerleşdirilen.

Balkanabat şäherindäki 18-nji orta mekdep tarapyndan 1996-njy ýylda Hatyja Gurbannazarowna Amanjanowanyň adyna berlen A 0142121 belgili orta bilim hakyndaky şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

Balkanabat şäherindäki türkmen-türk mekdep internaty tarapyndan 2008-nji ýylda Nurly Guwanjowiç Ýakubowyň adyna berlen A 0813100 belgili orta bilim hakyndaky şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

Serdar şäherinde ýerleşýän «Dag kerweni» hususy kärhanasynyň esaslyk maýasynyň 2500 (iki müň bäş ýüz) manada çenli azalýandygy mälim edilýär.

Balkanabat şäheriniň ýaşaýjysy Arslan Orazowiç Ataýewiň TM 0765517 belgili sürüjilik şahadatnamasynyň ýitirilendigi mälim edilýär.

Balkanabat şäheriniň pensiýa gaznasy tarapyndan 2017-nji ýylda Gurbangül Sapargeldiýewna Mämmedowanyň adyna berlen 0053254 belgili fiziki şahsyň (telekeçiniň we özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň) ätiýaçlandyrýan hökmünde hasaba alnandygy hakynda şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

# TELERADIOÝAÝLYMLAR

*2021-nji ýyl, 13 — 19-njy sentýabr*

## «ALTYN ASYR: TÜRKMENISTAN» TELERADIOÝAÝLYMY

### ALTYN ASYR

**DUŞENBE-13**
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Berkararlyk bagty.
09.00 Watan.
09.30 Döwletli döwran.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Mary welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Hepdäniň möhüm wakalary.
13.30 Döwri-döwranly Watan.
14.30 Bitarap Türkmenistan.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Watan waspy.
17.00 Diýar (Ahal welaýaty).
18.00 Baky bagtyýar mekanda.
18.40 Zeminiň görki.
19.30 Agrar syýasat.
20.10 Türkmen dokmasy.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Ahal welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

**SIŞENBE-14**
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Watanym — buýsanjym.
08.30 Telekeçilik işiniň esaslary.
09.00 Watan.
09.30 Agrar syýasat.
10.05 Gözelligiň yşkynda.
10.40 Jahan ýaňy.
11.10 Döwür. Döwlet. Arkadag.
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.30 Zehin bäsleşigi.
14.00 Dillerde dessan Watan.
15.00 Watan.
15.30 Dünýä tebigaty.
16.10 Zeminiň görki.
17.00 Diýar (Balkan welaýaty).
18.00 News.
18.10 Söz mülküniň bossany.
18.50 Ösüşe tarap.
19.30 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
20.10 Jemgyýet we kanun.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Balkan welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

**ÇARŞENBE-15**
06.55 Berkararlyk mukamy.
07.00 Watan.
07.30 Garaşsyz Diýarym.
08.30 Baky bagtyýar mekanda.
09.00 Watan.
09.30 Ösüşe tarap.
10.20 Jahan ýaňy.
11.00 Diýar (Ahal welaýaty).
12.00 Watan.
12.30 Berkarar döwletim.
13.25 Bagtyýarlygyň täze gadamlary.
14.00 Berkararlyk bagty.
15.00 Watan.
15.30 Jahanda näler görner.
16.10 Melhemler dünýäsi.
17.00 Diýar (Daşoguz welaýaty).
18.00 Merdana nesiller.
18.45 Dost-doganlyk serhedi.
19.30 Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana gulluk edýärin!
20.20 Parahatlyk — ýürek baýdagy.
21.00 Watan.
21.30 Berkarar döwletim.
22.30 Jahan ýaňy.
23.00 Watan.
23.30 Diýar (Daşoguz welaýaty).
00.30 Jahan ýaňy.
01.00 Berkararlyk mukamy.

**PENŞENBE-16**
